# HAZAR DEŇZINIŇ DEŇIZ GURŞAWYNY GORAMAK BOÝUNÇA ÇÄKLENDIRIJI KONWENSIÝA BIOLOGIK KÖPDÜRLÜLIGI GORAP SAKLAMAK BOÝUNÇA TESWIRNAMA

Giriş

Hazarýaka döwletleri:
Azerbaýjan Respublikasy,
Eýran Yslam Respublikasy,
Gazagystan Respublikasy,
Russiýa Federasiýasy,
Türkmenistan,

mundan beýläk şu Beýanyň Şertleşýän Taraplary diýlip atlandyrylyp,

2003-nji ýylyň 4-nji noýabrynda Tähranda kabul edilen Hazar deňziniň deňiz gurşawyny goramak boýunça Çäklendiriji konwensiýanyň, mundan beýläk Konwensiýa diýlip atlandyrylýar, Şertleşýän Taraplary bolmak bilen,

Konwensiýany, biologik serişdeleri goramak, saklamak we dikeltmek üçin zerur bolan çäreleri görmek maksady bilen Beýanyň işlenip düzülmeginde hyzmatdaşlyk etmek göz öňünde tutulýan 14-nji maddasynyň 2-nji bendini uly yhlas bilen ýerine ýetirmek maksady bilen,

Birleşen Milletler Guramasynyň 1992-nji ýylyň 5-nji iýunyndaky Biologik köpdürlülik hakyndaky Konwensiýasynyň Şertleşýän Taraplary bolmak bilen,

Hazar deňziniň özboluşly ekoulgamdygyna we onuň möhüm milli, sebitleýin we global ähmiýeti bolan, goralmagyny, saklanyp galmagyny we dikeldilmegini talap edýän biotoplarynyň we görnüşleriinň uly mukdarynyň bardygyna, şeýle hem biologik serişdeleriň durnukly we rejeli peýdalanylmagyny üpjün etmek zerurlygyna düşünmek bilen,

Biologik köpdürlülige howp salýan antropogen işiň dürli görnüşleriniň netijesinde Hazar deňziniň deňiz gurşawyna düşýän agramy hasaba almak bilen,

Biologik köpdürlüligiň goralyp saklanmagynyň we mümkin boldugyça Hazar deňziniň kenarýaka we deňiz zolaklarynyň tebigy we medeni mirasynyň ýagdaýyny, hususan-da, goralýan zolaklary ösdürmek, şeýle hem milli we sebitleýin derejede howp astynda durýan görnüşleri goramak we saklap galmak arkaly gowulandyrylmagynyň möhümdigini nygtamak bilen,

ýerli däl görnüşleriň meselesini we olara gözegçilik etmek we antropogen işiň netijesinde şeýle görnüşleriň Hazar deňzinde we ondan tötänden hereketlenmeginiň öňüni almak boýunça çäreleri işläp düzmegiň zerurlygyny uly adalanma bilen bellemek bilen,

Hazar deňziniň kenarýaka we deňiz ekoulgamlarynyň ýaşaýşa ukyplylygyny we bitewiligini goramak, saklamak we dikeltmek boýunça zerur çäreleri görmegiň derwaýysdygyny ykrar etmek bilen,

Aşakdakylar barada ŞERTLEŞDILER:

## I BÖLÜM. UMUMY DÜZGÜNLER WE BORÇNAMALAR

1-nji madda. Adalgalary ulanmak

Şu Beýanyň maksatlary uçin aşakdaky adalgalar şu manyda ulanylýar:

(a) „Biologik köpdürlülik“ ähli çeşmelerden, şol sanda, beýlekiler bilen bir hatarda, janly organizmler bir bölegi bolan ýerüsti, deňiz we beýleki suw ekoulgamlaryndan we ekologik toplumlardan bolan janly organizmleriň üýtgeýjiligi (wariabelligi); bu düşünje öz içine görnüşiň çäklerindäki, görnüşleriň arasyndaky köpdürlüligi we ekoulgamlaryň köpdürlüligini alýar;

(b) „Biologik serişdeler“ öz içine adamzat üçin hakyky ýa-da potensial peýdalylygy ýa-da gymmatly bolan genetiki serişdeleri, organizmleri ýa-da olaryň böleklerini, populýasiýalary ýa-da ekoulgamlaryň islendik beýleki biotik komponentlerini alýar;

(c) „Biotehnologiýa“ anyk ulanmak maksady bilen biologik ulgamlaryň, janly organizmleriň ýa-da olaryň önümleriniň önümleri ýa-da prosesleri taýýarlamak ýa-da üýtgetmek üçin ulanylmagy bilen bagly bolan tehnologiýanyň islendik görnüşini aňladýar;

(d) „Ygtyýarly edara“ Konwensiýanyň 1-nji maddasynda kesgitleme berlen „Milli edarany“ ýa-da Şertleşýän Taraplaryň hökümetlerinde Milli edara tarapyndan bellenen we şu Beýanda göz öňünde tutulan borçnamalaryň ýerine ýetirilmegi üçin jogapkär(ler) hökmünde bellenen edara(lar)ny aňladýar;

(e) „Genetiki serişdeleriň gelip çykyş ýurdy“ ähli hazarýaka döwletleriniň eýe bolup durýan biologik serişdeleriň ylalaşylan serhedüsti görnüşlerinden başga, in-situ şertlerinde bu genetiki serişdelere eýe bolup durýan ýurdy aňladýar;

(f) „Genetiki serişdeleri berýän ýurt“ in-situ çeşmelerinden, şol sanda ýabany we eldekileşdirilen görnüşleriň populýasiýalaryndan ýygnalan ýa-da olaryň bu ýurtdan gelip çykýandygyna ýa-da çykmaýandygyna garamazdan, ex-situ çeşmelerinden alnan genetiki serişdeleri berýän ýurt;

(g) „Eldekileşdirilen ýa-da ösdürilip ýetişdirilýän görnüşler“ ewolýusiýa prosesine adam öz hajatlaryny kanagatlandyrmak maksady bilen täsir edýän görnüşleri aňladýar;

(h) „Ekoulgam“ bir bitewi funksional birlik hökmünde özara täsirleşýän ösümlikleriň, haýwanlaryň we mikroorganizmleriň, şeýle hem olary gurşap alýan gurşawyň dinamiki toplumyny aňladýar;

(i) „Endemik görnüşler“ diňe belli bir geografik sebitde duş gelýän islendik görnüşleri aňladýar;

(j) „ex-situ saklap galmak“ biologik köpdürlüligiň düzüm bölekleriniň olaryň tebigy ýaşaýan ýerlerinden daşarda saklanyp galynmagyny aňladýar;

(k) „Genetiki material“ düzüminde nesle geçijiligiň funksional birlikleri bolan, ösümlik, haýwan, mikrob ýa-da başga gelip çykyşly islendik materialy aňladýar;

(l) Genetiki taýdan üýtgedilen görnüşler“ genetiki materialy gen tehnologiýasynyň ulanylmagy arkaly üýtgedilen islendik görnüşleri aňladýar;

(m) „Genetiki serişdeler“ faktiki ýa-da potensial gymmata eýe bolan genetiki materialy aňladýar;

(n) „Ýaşaýyş ýeri“ ýeriň görnüşini ýa-da ol ýa beýleki organizmiň, ýa-da populýasiýanyň tebigy ýaşaýyş ýerini aňladýar;

(o) „In-situ saklap galmak“ ekoulgamlaryň we tebigy ýaşaýyş ýerleriniň saklanyp galmagyny, görnüşleriň tebigy gurşawynda, eldekileşdirilen ýa-da ösdürilip ýetişdirilýän görnüşler babatda bolsa- olaryň öz tapawutly alamatlaryna eýe bolan gurşawynda olaryň ýaşaýşa ukyply populýasiýalarynyň saklanmagyny we dikeldilmegini aňladýar;

(p) „Ýerli däl görnüşler“ (şeýle hem ekzotik ýa-da girizilen görnüşler ady bilen belli bolan) adamyň işi netijesinde bilkastlaýyn ýa-da tötänden ýaýramagynyň netijesinde öz taryhy taýdan belli bolan tebigy areallarynyň çäklerinden daşarda peýda bolan islendik görnüşleri aňladýar;

(q) „Inwaziw görnüşler“ peýda bolmasy ýa-da ýaýramasy ekoulgama ýa-da biologik serişdelere ykdysady ýa-da ekologik taýdan zyýan ýetirip biljek ýa-da adamlaryň saglygyna zeper ýetirip biljek ýerli däl görnüşleri (gelmişek görnüşleri) aňladýar;

(r) „Şertleşýän Taraplaryň Konferensiýasy“ Konwensiýanyň 22-nji maddasynda görkezilen organy aňladýar;

(s) „Hazar deňziniň goralýan zolaklarynyň (HDGZ) sanawy“ Hazar deňziniň deňiz gurşawy üçin möhüm ähmiýete eýe bolan goralýan zolaklaryň sanawyny aňladýar;

(t) „Goralýan zolak“ anyk tebigaty goraýyş maksatlaryny gazanmak üçin bölnüp berilýän, düzgünleşdirilýän we ulanylýan, geografik taýdan bellenen territoriýany aňladýar;

(u) „Kätiplik“ Konwensiýanyň 23-nji maddasynda görkezilen organy aňladýar;

(v) „Durnukly peýdalanmak“ biologik köpdürlüligiň düzüm bölekleriniň uzak möhletleýin geljekde biologik köpdürlüligiň arryklaşmagyna getirmeýän, onuň häzirki we geljekki nesilleriň hajatlaryny we isleglerini kanagatlandyrmaga bolan ukybynyň saklanyp galmagyna ýardam edýän görnüşde we depginlerde peýdalanylmagyny aňladýar;

(w) „Tehnologiýa“ amaly we/ýa-da senagat taýdan ulanylýan islendik ýa-da ähli amaly ylymlaryň tejribesini, beýany we terminologiýasyny, şol sanda, beýlekiler bilen bir hatarda, biotehnologiýany aňladýar;

(x) „Ýitip gitmek howpy astynda durýan görnüşler“ antropogen işiň ýa-da beýleki faktorlaryň netijesinde ýaşamasy düýpli howp astynda durýan islendik taksony aňladýar;

(y) „Introduksiýa“ haýsy hem bolsa bir görnüşiň Hazar deňziniň ekoulgamyna bilkastlaýyn ýa-da tötänden geçirilmegini aňladýar;

(z) „Ulanylýan halkara şertnamalary“ şu Beýanyň mazmunyna dahylly bolan, Şertleşýän Taraplaryň gatnaşýan halkara hukuk gurallaryny aňladýar.

2-nji madda. Maksatlar

Şu Beýanyň maksatlary Hazar deňziniň biologik köpdürlüliginiň we ekoulgamynyň ýaşaýşa ukyplylygyny we bitewiligini goramak, saklamak we dikeltmek, şeýle hem biologik serişdeleriň durnukly peýdalanylmagyny üpjün etmek we şu jähtden şu aşakdakylar bolup durýar:

(a) Ýitip gitmek howpy astynda durýan görnüşleri we gowşak ekoulgamlary olaryň uzak möhletli ýaşaýşa ukyplylygyny we köpdürlüligini üpjün etmek üçin gorap saklamak;

(b) Seresaplylyk çärelerini görmek ýörelgesine laýyklykda görnüşleriň, ýaşaýyş ýerleriniň we ekoulgamlaryň ýaramazlaşmagynyň, arryklaşmagynyň we olara zyýan ýetirilmeginiň öňüni almak;

(c) Görnüşleriň has giň topary ýaşaýan zolaklary, aýratyn ýaşaýyş ýerlerini, ekologik ulgamlary we tebigy hem-de onuň bilen bagly medeni mirasy goramak we saklamak.

3-nji madda. Ulanyş çygry

Konwensiýanyň 3-nji we 15-nji maddalaryna laýyklykda şu Beýan Hazar deňziniň derejesiniň üýtgäp durýandygyny we ýerüsti çeşmelerden hapalanýandygyny hasaba almak bilen, Hazar deňziniň deňiz gurşawy, şeýle hem deňziň ýakynlygynyň täsiri astynda durýan gury ýer, şol sanda Şertleşýän Taraplaryň milli kanunçylygyna laýyklykda ýa-da başga usul bilen kesgitlenen halkara ähmiýetli suw-batgalyk ýerleri babatda ulanylýar.

4-nji madda. Beýany ýerine ýetirmek

Her bir Şertleşýän Tarap öz territoriýasynda we öz ýurisdiksiýasynyň astynda şu Beýanyň düzgünleriniň ýerine ýetirilmesini utgaşdyrýan ygtyýarly edarany kesgitleýär.

5-nji madda. Umumy borçnamalar

Şu Beýanyň 9-njy maddasynyň 1-nji bendini, 11-nji maddanyň we 30-njy maddanyň 2-nji bendini hasaba almak bilen şu Beýan ulanylanda Şertleşýän Taraplar öz milli kanunçylyklaryna goldanýarlar. Şu jähtden Şertleşýän Taraplar:

(a) Hazar deňziniň deňiz gurşawyny goramak, saklamak we dikeltmek üçin zerur çäreleri özbaşdak ýa-da bilelikde görýärler;

(b) Hazar deňziniň tebigy serişdelerini Hazar deňziniň deňiz gurşawyna we biologik serişdelerine zyýan ýetirmeýän görnüşde peýlanýarlar;

(c) Esasy ünsi ýitip gitmek howpy astynda durýan görnüşlere bermek bilen, biologik köpdürlüligi goraýarlar, aýap saklaýarlar we dikeldýärler;

(d) Daşky gurşawa zyýan ýetirmeýän we durnukly usullary ulanmak bilen, ilkinji nobatda goralýan zolaklary döretmek arkaly özboluşly, has gowşak ýa-da sebit üçin möhüm ähmiýete eýe bolan zolaklary goraýarlar, aýap saklaýarlar we dikeldýärler;

(e) Milli we zerur bolanda sebitleýin strategiýalary, hereketleriň meýilnamalaryny we maksatnamalaryny kabul edýärler we biologik köpdürlüligi gorap saklamak we biologik serişdeleri, şol sanda olaryň ýaşaýyş ýerlerini durnukly peýdalanmak we dolandyrmak boýunça degişli kanunçylygy işläp düzýärler we ulanýarlar;

(f) Hazar deňziniň biologik köpdürlüligi bilen bagly monitoring boýunça çäreleri amala aşyrýarlar;

(g) Biologik köpdürlüligi gorap saklamak we biologik serişdeleri durnukly we rejeli ulanmak maksady bilen biologik köpdürlüligiň we ýaşaýyş ýerleriniň sanawlaryny anyklaýarlar we düzýärler;

(h) Pudaklaýyn strategiýalaryň we hereketleriň meýilnamalarynyň biologik köpdürlüligi gorap saklamak we biologik serişdeleri durnukly we rejeli peýdalanmak ýörelgelerine laýyk gelmegini üpjün edýärler;

(i) Biologik serişdeleri durnukly we rejeli peýdalanmak we biologik köpdürlüligi gorap saklamak zerurlygyny hasaba almak bilen, gury ýeriň toplumlaýyn milli dolandyryşyny amala aşyrýarlar;

(j) Hapalanmanyň çeşmelerine we ýaşaýyş ýerlerine hem-de görnüşlere düýpli ýaramaz täsir edýän ýa-da täsir edip biljek islendik işe gözegçilik edýärler;

(k) Biologik köpdürlüligi gorap saklamak we ýitip gitmek howpy astynda durýan görnüşleri we ekoulgamlary dolandyrmak ulgamynda biri-biri bilen we ygtyýarly halkara guramalary bilen hyzmatdaşlyk edýärler.

## II BÖLÜM. GÖRNÜŞLERI GORAMAK WE AÝAP SAKLAMAK

6-njy madda. Görnüşleri goramak we aýap saklamak boýunça çäreler

Görnüşleri goramak we aýap saklamak maksady bilen Şertleşýän Taraplar:

(a) Floranyň we faunanyň ýitip gitmek howpy astynda durýan görnüşleriniň ählitaraplaýyn sanawlaryny döredýärler we şu Beýana I Goşundynyň kategoriýalarynyň esasynda şol görnüşlere goralýan görnüşleriň statusyny berýärler, onuň esasynda degişli halkara guramalary bilen hyzmatdaşlykda Şertleşýän Taraplaryň arasynda ara alnyp maslahatlaşylandan we seljeriş geçirilenden soň Şertleşýän Taraplaryň Konferensiýasynda kabul edilmegi üçin Hazar Gyzyl Kitaby işlenip düzüler;

(b) Goralýan görnüşlere we olaryň ýaşaýan ýerine ýaramaz täsir edýän işi düzgünleşdirýärler we şol görnüşleri gorap saklamak ulgamynda oňaýly ýagdaýy üpjün etmek üçin beýleki çäreleri görýärler;

(c) floranyň we faunanyň goralýan görnüşlerini, olaryň böleklerini, şeýle olardan alnan önümleri bilkastlaýyn we, mümkin boldugyça, tötänden tutulmagyna, eýeçilik edilmegine ýa-da öldürilmegine, ýa-da ýok edilmegine, daşalmagyna we täjirçilik maksatlarynda ulanylmagyna gözegçilik edýärler we, zerur boldugyça, gadaganlyk girizýärler;

(d) faunanyň, aýratyn-da köpeliş, inkubasiýa, gyş ukusy ýa-da migrasiýa döwründe, şeýle hem biologik stressiň beýleki döwürlerinde bozulmagyna getirýän işe gözegçilik edýärler we zerur boldugyça oňa gadaganlyk girizýärler;

(e) floranyň goralýan görnüşleri, olaryň bölekleri we olardan alnan önümler babatda ýok edişiň we gatyşmaklygyň islendik görnüşlerini, şol sanda olaryň ýolunmagyny, ýygnalmagyny, kesilmegini, köwlenip çykarylmagyny, eýeçilik edilmegini, söwdasyny, daşalmasyny we täjirçilik maksatlary bilen görkezilişini düzgünleşdirýärler;

(f) Migrirleýän görnüşleri goramak we dikeltmek boýunça hyzmatdaşlyk edýärler;

(g) şu Beýanyň I Goşundysyna goşulan ýitip gitmek howpy astynda durýan görnüşleriniň ýagdaýynyň, şeýle hem populýasiýanyň dinamikasynyň ylalaşylan umumy kriterilerine laýyklykda olaryň ýaşamagyna howp salýan täsiriň häsiýetiniň we geriminiň uzak möhletleýin monitoringini amala aşyrýarlar;

(h) şu Beýanyň I Goşundysyna goşulan ýitip gitmek howpy astynda durýan görnüşleriniň populýasiýalaryny gorap saklamak üçin görülýän çäreler hakynda maglumat alyşýarlar we ylalaşylan umumy kriterileriň esasynda şeýle çäreleriň netijeliligine baha berýärler;

(i) şu Beýanyň I Goşundysynda sanalyp geçilen görnüşleri in-situ we ex-situ gorap saklamak we dikeltmek boýunça hereketleriň milli we zerur boldugyça, sebitleýin meýilnamalaryny işläp düzýärler we amala aşyrýarlar;

(j) şu Beýanyň I Goşundysynda sanalyp geçilen ýitip gitmek howpy astynda durýan görnüşleriň goragyny, aýalyp saklanmagyny we zerur boldugyça, dikeldilmegini üpjün etmek maksady bilen hyzmatdaşlyk edýärler;

(k) Zerur bolan ýagdaýynda we milli kanunçylyga laýyklykda ylmy maksatlar hem-de dikeltmek maksady bilen we adamyň saglygyna howp salnan ýagdaýynda şu Beýanyň I Goşundysynda sanalyp geçilen görnüşleri goramak üçin göz öňünde tutulan gadaganlykdan boşatmany berýärler, şunda şeýle boşatmanyň öwrenilýän görnüşleriň ýa-da islendik beýleki görnüşleriň populýasiýalarynyň ýaşamagyna howp salmazlygy şert bolup durýar.

7-nji madda. Ýerli däl görnüşler

Şertleşýän Taraplar:

(a) ýerli däl görnüşleriň introduksiýasyny düzgünleşdirýärler we ekoulgamlara, ýaşaýyş ýerlerine ýa-da görnüşlere ýaramaz täsir edip biljek görnüşlerine gadaganlyk girizýärler hem-de zyýan ýetirýän ýa-da ýetirip biljek eýýäm girizilen görnüşleri düzgünleşdirýärler;

(b) Hazar deňzine girizilen ähli ýerli däl görnüşleriň ýagdaýyny öwrenýärler, olaryň döredip biljek howplaryny seljerýärler we inwaziw görnüşler hökmünde kesgitlenen görnüşler babatda Hereketleriň sebitleýin meýilnamasyny işläp düzýärler we amala aşyrýarlar.

8-nji madda. Genetiki taýdan özgerdilen görnüşler

Şertleşýän Taraplar genetiki taýdan özgerdilen görnüşleriň introduksiýasyny düzgünleşdirýärler we olaryň adamyň saglygyna, ekoulgamlara, ýaşaýyş ýerlerine we görnüşlere ýaramaz täsir edip biljek görnüşlerine gadaganlyk girizýärler, zyýan ýetirýän ýa-da zyýan ýetirip biljek eýýäm girizilen görnüşleri düzgünleşdirýärler. Islendik şeýle introduksiýa Şertleşýän Taraplaryň deslapdan ara alyp maslahatlaşylmagy we seljerilmegi şerti bilen, Şertleşýän Taraplaryň Konferensiýasynyň karary boýunça amala aşyrylýar.

## III BÖLÜM. GORALÝAN ZOLAKLARY GORAMAK WE AÝAP SAKLAMAK

9-njy madda. Goralýan zolagyň statusynyň berilmegi

1. Şertleşýän Taraplaryň her biri şu Beýana II Goşundyda sanalyp geçilen kriterilere laýyklykda in-situ gorap saklamak maksady bilen we hiç bir beýleki Şertleşýän Tarapyň garşy çykmaýandygyna göz ýetirmek bilen, şu Beýanyň maksatlary üçin deňiz gurşawynda we deňziň ýakynlygynyň täsiri astynda durýan gury ýerde goralýan zolaklary bölüp berip biler. Goralýan zolaklaryň şeýle statusy şu aşakdakylary goramak maksady bilen berlip bilner:

(a) uzak möhletleýin ýaşaýşa ukyplylygyny üpjün etmek we olaryň biologik köpdürlüligini saklamak üçin ýeterlik ölçegdäki kenarýaka we deňiz ekoulgamlarynyň sebit üçin häsiýetli bolan görnüşlerini;

(b) öz tebigy ýaýrawynda we şu Beýanyň ulanylýan çygrynda ýitip gitmek howpy astynda durýan ýaşaýyş ýerlerini, şol sanda tebigy ýaýrawy regressiýanyň netijesinde ýa-da olar üçin häsiýetli bolan çäkli ýaýrama sebäpli azalan ýaşaýyş ýerleri;

(c) floranyň we faunanyň ýitip gitmek howpy astynda durýan ýa-da endemik görnüşleriniň ýaşamagy, köpelmegi we dikelmegi üçin örän möhüm bolan ýaşaýyş ýerlerini;

(d) ylmy, estetik, medeni we bilim beriş taýdan gymmatly bolan aýratyn möhüm obýektleri.

2. Eger-de Şertleşýän Taraplaryň ikisi we ondan hem köpüsi bilelikde goralýan zolagyň statusyny bilelikde bermegi maksat edinseler, bu Taraplaryň Ygtyýarly edaralary zerur bolan çäreler hakynda ylalaşyk gazanmak maksady bilen hyzmatdaşlyk etmek üçin çäreler görýärler.

3. Kenarýaka we deňiz zolaklaryny öz içine alýan goralýan zolagyň statusy berlende Şertleşýän Tarap goralýan zolaklaryň bitewilikde dolandyrylmagynyň utgaşdyrylmagyny üpjün etmek üçin çäreler görýär. Şertleşýän Tarap şu Beýanyň II Goşundysynda beýan edilen gollanma ýörelgelerine we umumy kriterilere laýyklykda dolandyryş meýilnamalaryny işläp düzýär we ulanýar.

10-njy madda. Goralýan zolaklar we olary dolandyrmak

1. Ulanylýan halkara şertnamalaryna we milli kanunçylyga laýyklykda Şertleşýän Tarap zerur bolan tebigaty goraýyş çärelerini, şol sanda şu aşakdakylar boýunça çäreleri görýär:

(a) goralýan zolagyň ekoulgamynyň bitewiligine göni ýa-da gytaklaýyn zyýan ýetirip biljek galyndylary we beýleki maddalary gömmäge ýa-da ýerleşdirmäge gadaganlyk girizmek;

(b) gämileriň geçişini we islendik reýde ýa-da labyra goýulyşyny düzgünleşdirmek;

(c) şu zolaga islendik görnüşleriň, şol sanda şu zolak üçin mahsus bolmadyk görnüşleriň introduksiýa edilmegini, şeýle hem şu goralýan zolakda bar bolan ýa-da ozal bar bolan görnüşleriň reintroduksiýasyny düzgünleşdirmek;

(d) goralýan zolagyň çäklerinde gurluşyk ýa-da gözleg işleri bilen bagly islendik işleri düzgünleşdirmek;

(e) islendik ylmy-barlag işini düzgünleşdirmek;

(f) balykçylygy, awçylygy, haýwanlaryň tutulmagyny, ösümlikleriň ýygnalmagyny ýa-da olaryň ýok edilmegini, şeýle hem haýwanlaryň we

haýwanlaryň böleklериniň, ösümlikleriň we ösümlikleriň bölekleriniň söwdasyny düzgünleşdirmek;

(g) görnüşlere zyýan ýetirip biljek ýa-da olara täsir edip biljek, ýa-da ekoulgamlaryň goralyp saklanyşyny howp astyna goýup biljek, ýa-da goralýan zolagyň tebigy ýa-da medeni aýratynlyklaryna zyýan ýetirip biljek islendik beýleki işleri we hereketleri düzgünleşdirmek;

(h) möhüm ekologik we biologik ulgamlary goramaga gönükdirilen islendik beýleki çäreleri.

2. Ulanylýan halkara ylalaşyklaryna we milli kanunçylyga laýyklykda Şertleşýän Tarap goralýan zolaklary meýilnamalaşdyrmak, dolandyrmak, olara gözegçilik etmek we monitoring boýunça çäreleri görýär, ol öz içine şu aşakdakylary alýar:

(a) hukuk we guramaçylyk çelgilerini kesgitleýän dolandyryş meýilnamasynyň, şeýle hem dolandyrmak we goramak boýunça ulanarlykly çäreleriň işlenip düzülmegini we kabul edilmegini;

(b) ekologik ulgamlaryň, ýaşaýyş ýerleriniň, populýasiýalaryň dinamikasynyň, şeýle hem antropogen işiň täsiriniň monitoringini;

(c) zerur bolsa, ýerli bileleşikleriň we ilatyň giň gatlaklarynyň dolandyryş meýilnamasynyň işlenip düzülmegine we goralýan zolagyň soňraky dolandyrylyşyna işjeň çekilmegini we goralýan zolagyň döredilmegi täsir edip biljek ýerli ýaşaýjylara kömek edilmegini;

(d) ýerli bileleşikleriň, ilatyň giň gatlaklarynyň we guramalaryň taýýarlanmagyny we okadylmagyny;

(e) dolandyryjy we ýokary hünärli tehniki işgärleriň taýýarlanmagyny.

3. Şertleşýän Taraplar adatdan daşary ýagdaýlara jogap hereketleriň milli meýilnamalarynyň öz içine goralýan zolaklara zyýan ýetirip biljek ýa-da olara howp salyp biljek hadysalara jogap hereketler boýunça çäreleriň almagyny üpjün edýärler.

11-nji madda. Hazar deňziniň goralýan zolaklaryň statusyny bermek we olaryň Sanawyny düzmek amallary

1. Şertleşýän Taraplar Hazar deňziniň goralýan zolaklarynyň sanawy (HDGZ-niň Sanawyny) düzýärler.

2. HDGZ bir ýa-da birnäçe Şertleşýän Taraplaryň deňiz we/ýa-da kenarýaka zolaklarynda berlip bilner. Deňiz zolaklarynda HDGZ-niň geografik koordinatlary Hazar deňziniň hukuk statusy hakyndaky Konwensiýa ähli Şertleşýän Taraplar üçin güýje girenden soň onuň düzgünlerine laýyklykda kesgitlener.

3. Zolaklary HDGZ-niň Sanawyna girizmek boýunça teklipleri berýän Şertleşýän Taraplar Konwensiýanyň Kätipligine zolagyň geografik ýerleşişi, onuň fiziki we ekologik häsiýetnamalary, administratiw statusy, dolandyryş boýunça meýilnama we amala aşyryş serişdeleri hakyndaky maglumatlar beýan edilen deslapky nutugy, şeýle hem onuň möhümligini esaslandyrýan Beýannamany berýärler. Eger-de teklip Şertleşýän taraplaryň ikisiniň ýa-da birnäçesiniň deňiz ýa-da kenarýaka zolagyna degişli bolsa, gyzyklanma bildirýän Şertleşýän Taraplar

gorap saklamak boýunça teklip edilýän çäreleriň ylalaşyklygyny üpjün etmek we olary amala aşyrmak maksady bilen bilelikde maslahatlaşmalary geçirýärler.

4. Kätiplik berilýän teklibiň şu Beýana II Goşundyda sanalyp geçilen umumy gollanma ýörelgelerine we kriteriýlerine laýyklygyny barlaýar we eger baha bermäniň netijesinde zolak bu ýörelgelere we kriteriýlere laýyk gelýär diýip hasap etse, Şertleşýän Taraplaryň Konferensiýasyna habar berer, ol bolsa zolagy HDGZ-niň Sanawyna goşmak ýa-da goşmazlyk hakyndaky karary kabul edýär.

5. Zolak HDGZ-niň Sanawyna girizilenden soň Şertleşýän Tarap ýa-da Taraplar şu Beýanyň 10-njy maddasynyň 2-nji bendiniň (a) bentçesine laýyklykda işlenip düzülen dolandyrmak boýunça öz meýilnamalarynda görkezilen goramak we aýap saklamak boýunça çäreleri amala aşyrýarlar. Olar Kätiplige HDGZ-niň Sanawyna girizilen haýsydyr bir goralýan zolagyň delimitasiýasynda ýa-da administratiw statusynda bolup geçen ähli üýtgeşmeler hakynda habar berýärler.

6. Kätiplik ygtyýarly milli we halkara guramalaryna Sanawyň saklanyşy we HDGZ-de amala aşyrylan çäreler hakynda habar berýär.

## IV BÖLÜM. GÖRNÜŞLERI WE GORALÝAN ZOLAKLARY GORAMAK WE AÝAP SAKLAMAK BOÝUNÇA GURALLAR WE TALAPLAR

### 12-nji madda. Deňziň ýakynlygynyň täsiri astynda durýan gury ýeri dolandyrmagyň çäklerinde biologik köpdürlüligi gorap saklamak

Konwensiýanyň 15-nji maddasyna laýyklykda Şertleşýän Taraplar biologik köpdürlüligi gorap saklamak üçin mehanizmi döretmek maksady bilen deňziň ýakynlygynyň täsiri astynda durýan gury ýeri dolandyrmagyň milli strategiýalarynyň we meýilnamalarynyň işlenip düzülmegi we kabul edilmegi boýunça çäreler görýärler. Şu milli strategiýalaryň we meýilnamalaryň ulanylmagyna bildirilýän talaplar şu aşakdakylary göz öňünde tutýar:

(a) Biologik köpdürlüligi gorap saklamaga we daşky gurşawy goramaga degişli düzgünleriň milli we/ýa-da sebitleýin ösüş meýilnamalaryna goşulmagyny;

(b) Şu Beýanyň 3-nji maddasyna laýyklykda biologik serişdeleriň köpmaksatlaýyn ulanyşyny amala aşyrmaga mümkinçilik berýän toplumlaýyn dolandyryş ýörelgeleriniň amala aşyrylmagyny;

(c) Deňziň derejesiniň üýtgäp durmagy bilen bagly kenarýaka ekoulgamlaryň tebigy dinamikasynyň hasaba alynmagyny.

### 13-nji madda. Biologik köpdürlüligi gorap saklamagyň çäklerinde daşky gurşawa edilýän täsire baha bermek

Şertleşýän Taraplar Konwensiýanyň 17-nji maddasyna laýyklykda Hazar deňziniň deiňz gurşawynda biologik köpdürlülige edilýän ýaramaz täsiriň öňüni almagyň we azaltmagyň guraly hökmünde daşky gurşawa edilýän täsire baha bermek amallaryny ulanýarlar.

### 14-nji madda. Genetiki serişdeleriň elýeterliligi

1. Şertleşýän Taraplaryň öz tebigy baýlyklaryna özygtyýarly hukuklaryny ykrar etmek bilen genetiki serişdeleriň elýeterliligini kesgitlemek hukugy milli hökümetlere degişli we milli kanunçylyk bilen düzgünleşdirilýär.

2. Milli kanunçylygy hasaba almak bilen her bir Şertleşýän Tarap beýleki Şertleşýän Taraplaryň ekologik taýdan howpsuz ulanmagy maksady bilen genetiki serişdeleriň elýeterliligini ýeňilleşdirmek üçin şertleri döretmäge we şu Beýanyň maksatlaryna garşy gelýän çäklendirmeleri girizmezlige çalyşýar.

3. Şu Beýanyň maksatlary üçin Şertleşýän Tarap tarapyndan berilýän genetiki serişdelere şeýle serişdeleriň gelip çykýan ýurdy bolup durýan Şertleşýän Taraplaryň berenleri ýa-da şu Beýan laýyklykda bu serişdeleri alan Şertleşýän Taraplaryň berenleri bolup durýar.

4. Genetiki serişdeleriň elýeterliligi berlen ýagdaýynda onuň elýeterliligi şu maddanyň düzgünlerine laýyklykda özara ylalaşylan şertlerde üpjün edilýär. Şeýle şertler öz içine şu aşakdakylary alyp bilýär:

(a) Dawalaryň düzgünleşdirilmegini;

(b) Peýdalaryň paýlanyşynyň şertlerini;

(c) Üçünji taraplar bar bolsa, olaryň soňra üçünji taraplar tarapyndan ulanylmagynyň şertlerini;

(d) Ýagdaýlara görä, niýetleriň üýtgemeginiň şertlerini.

5. Genetiki serişdeleriň elýeterliligi, eger bu Şertleşýän Tarap başga çözgüt kabul etmese, şeýle serişdeleri berýän Şertleşýän Tarapyň deslapky esasly razylygynyň esasynda düzgünleşdirilýär.

6. Her bir Şertleşýän tarap beýleki Şertleşýän Taraplaryň beren genetiki serişdelerine esaslanýan ylmy barlaglary olaryň doly gatnaşmagynda we mümkin bolan ýagdaýynda şeýle Şertleşýän Taraplarda taýýarlamaga we geçirmäge çalyşýar.

15-nji madda. Tehnologiýanyň elýeterliligi we onuň geçirilmegi

1. Her bir Şertleşýän Tarap şu maddanyň düzgünlerine laýyklykda beýleki Şertleşýän Taraplara gorap saklamaga degişli tehnologiýalary elýeterli etmäge we/ýa-da almasyny ýeňilleşdirmäge we olara biologik köpdürlüligiň goralyp saklanmagyna we durnukly peýdalanylmagyna degişli bolan ýa-da genetik serişdeleriň ulanylmagyny göz öňünde tutýan we daşky gurşawa düýpli zyýan ýetirmeýän tehnologiýalary geçirmäge borçlanýar.

2. Şu maddanyň 1-nji bendine görkezilen tehnologiýalaryň elýeterliligi we onuň beýleki Şertleşýän Taraplara geçirilmegi adalatly we amatly şertlerde, şol sanda, eger özara ylalaşyk gazanylan bolsa, ýeňillikli we örän amatly şertlerde amala aşyrylýar we/ýa-da üpjün edilýär.

3. Her bir Şertleşýän Tarap genetik serişdeleri berýän Şertleşýän Taraplara bu serişdeleriň ulanylmagyny göz öňünde tutýan tehnologiýanyň elýeterli bolmagyny üpjün etmek we bu tehnologiýa, şol sanda ulanylýan halkara ylalaşyklaryna laýyklykda, şeýle hem şu maddanyň 4-nji we 5-nji bentlerine laýyklykda patentler we intellektual eýeçiligiň beýleki hukuklary bilen goralan tehnologiýalaryň özara ylalaşylan şertlerde geçirilmegi üçin degişli kanunçylyk, administratiw ýa-da syýasy çäreleri görýär.

4. Her bir Şertleşýän Tarap Şertleşýän Taraplaryň hökümet edaralarynyň we hususy sektorynyň bähbitleri üçin şu maddanyň 1-nji bendinde görkezilen tehnologiýalaryň bilelikde işlenip düzmeleriň elýeterli bolmagyna we geçirilmegine hususy sektor ýardam bermegi üçin degişli kanunçylyk, administratiw ýa-da syýasy çäreleri görýär.

5. Şertleşýän Taraplar patentleriň we intellektual eýeçiligiň beýleki hukuklarynyň şu Beýanyň amala aşyrylmagyna ýardam edip biljekdigini ykrar etmek bilen, bu hukuklar onuň maksatlaryna ýardam bermegini we garşy gelmezligini üpjün etmek maksady bilen milli kanunçylyklara we ulanylýan halkara ylalaşyklaryna gollanmak bilen bu ulgamda hyzmatdaşlyk edýärler.

16-njy madda. Ylmy-tehniki hyzmatdaşlyk we kömek

1. Şertleşýän Taraplar degişli milli we halkara edaralaryň üsti bilen biologik köpdürlüligi gorap saklamak we biologik serişdeleri durnukly hem-de rejeli peýdalanmak ulgamynda ylmy-tehniki hyzmatdaşlyga ýardam bermäge borçlanýarlar.

2. Her bir Şertleşýän Tarap şu Beýan amala aşyrylanda beýleki Şertleşýän Taraplar bilen ylmy-tehniki hyzmatdaşlyga ýardam berýär. Esasy üns adam we institusional potensialy ösdürmäge, ylmy barlaglaryň we monitoringiň maksatnamalarynyň işlenip düzülmegine, şeýle hem standartlaşdyrma amallaryna we şeýle hyzmatdaşlyga ýardam etmegiň gollanma ýörelgelerine berilmeli.

3. Şertleşýän Taraplar şu Beýanyň maksatlaryny gazanmak üçin tehnologiýalary, şol sanda däp bolan tehnologiýalary işläp düzmek we peýdalanmak ulgamynda hyzmatdaşlyk edýärler. Munuň üçin Şertleşýän Taraplar işgärleri taýýarlamak we bilermenleri alyşmak arkaly hem hyzmatdaşlyga ýardam edýärler.

4. Şertleşýän Taraplar özara ylalaşyk gazanylan ýagdaýynda bilelikdäki taslamalaryň we ylmy-barlag maksatnamalaryň amala aşyrylmagyna we şu Beýanyň maksatlaryny amala aşyrmak üçin zerur bolan tehnologiýalary işläp düzmek boýunça bilelikdäki kärhanalaryň guralmagyna ýardam edýärler.

17-nji madda. Maglumatlary alyşmak

Şertleşýän Taraplar:

(a) Biologik köpdürlüligi gorap saklamaga we biologik serişdeleriň durnukly we rejeli ulanylmagyna degişli ähli umumy elýeterli çeşmelerden maglumatlaryň alşylmagyna ýardam etmek üçin degişli çäreleri görýärler. Maglumatlaryň şeýle alşylmasy öz içine tehniki, ylmy we sosial-ykdysady barlaglaryň netijelerini, şeýle hem işgärleriň taýýarlanyşy we däp bolan bilimler hakyndaky maglumatlary alýar;

(b) Goralýan zolaklaryň we ýitip gitmek howpy astynda durýan görnüşleriň häsiýetnamalary babatda maglumatlary, şol sanda toplanan tejribäni we bar bolan meseleleri alyşýarlar;

(c) Mümkin boldugyça, goralýan zolaklaryň ekoulgamlaryna ýa-da ýitip gitmek howpy astynda durýan görnüşleriň ýaşaýşyna howp salyp biljek islendik

ýagdaý hakynda onuň täsir edip biljek beýleki Şertleşýän Taraplara we Kätiplige tizden-tiz habar berýärler.

18-nji madda. Ekologik aň-bilim berme we jemgyýetçiligiň habarlylygyny ýokarlandyrmak Şertleşýän Taraplar:

(a) Ýitip gitmek howpy astynda durýan görnüşleriň ýagdaýyny we goralýan zolaklaryň statusynyň berlendigi, olaryň häsiýetnamasy, ähmiýeti we ulanarlykly kadalary hakynda köpçülige degişli ýagdaýda aýan edýärler;

(b) Jemgyýetçilige goralýan zolaklaryň we ýitip gitmek howpy astynda durýan görnüşleriň möhümligi we gowşaklygy hakynda, şeýle hem tebigaty goraýyş maksatnamalary amala aşyrylanda alnan ylmy bilimler hakynda habar bermek boýunça çäreleri görýärler.

Şeýle maglumaty jemgyýetçiligi okatmak we habardar etmek maksatnamalaryna goşmaly;

(c) Jemgyýetçiligiň we tebigaty goraýyş guramalarynyň goralýan zolaklary we ýitip gitmek howpy astynda durýan görnüşleri goramak boýunça zerur bolan çärelere gatnaşmagyny üpjün etmek boýunça çäreleri görýärler;

(d) Ýagdaýlara baglylykda Beýleki Şertleşýän Taraplar we ygtyýarly milli hem-de halkara guramalary bilen biologik köpdürlüligi gorap saklamak we biologik serişdeleri durnukly we rejeli peýdalanmak ulgamynda bilim beriş maksatnamalarynyň we jemgyýetçilige habar bermek maksatnamalarynyň işlenip düzülmeginde hyzmatdaşlyk edýärler.

19-njy madda. Şertleşýän Taraplaryň nutuklary

1. Her bir Şertleşýän Tarap Kätiplige şu Beýanyň düzgünleriniň ýerine ýetirilişi hakynda, hususan-da, şu aşakdakylaryň ýagdaýy hakynda nutuk berýär:

(a) Biologik köpdürlüligiň, şol sanda ýitip gitmek howpy astynda durýan görnüşleriň, şeýle hem ýerli däl görnüşleriň;

(b) Ýaşaýyş ýerleriniň;

(c) HDGZ-niň Sanawyna goşulan goralýan zolaklaryň we olaryň statusynyň üýtgemeleriniň;

(d) Daşky gurşaw we jemgyýetçilige habar bermek ulgamynda bilim beriş maksatnamalarynyň amala aşyrylyşynyň.

2. Nutukyň görnüşi we maglumaty bermegiň amallary Şertleşýän Taraplaryň Konferensiýasy bilen ylalaşylýar.

## V BÖLÜM. GURAMAÇYLYK WE MALIÝE DÜZGÜNLERI

20-nji madda. Guramaçylyk düzgünleri

1. Şu Beýanyň maksatlary üçin we Konwensiýanyň 22-nji (10) maddasyna laýyklykda, beýlekiler bilen bir hatarda, Şertleşýän Taraplaryň Konferensiýasy:

a) Şu Beýanyň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär;

b) Kätipligiň işine gözegçilik edýär we onuň işine ýolbaşçylyk edýär;

c) Şu Beýana syn berýär;

(d) şu Beýanyň 24-nji maddasyna laýyklykda şu Beýan ýa-da onuň goşundylaryna islendik düzedişlere, şeýle hem oňa goşmaça goşundylara garaýar we olary kabul edýär;

(e) şu Beýan bilen bagly meseleler boýunça Kätiplik tarapyndan berilýän hasabatlara garaýar;

(f) goralýan zolaklary we ýitip gitmek howpy astynda durýan görnüşleri goramak boýunça çäreleriň netijeliligine baha berýär, şeýle hem beýleki çäreleri görmek, aýratyn-da, şu Beýan ýa-da onuň Goşundylaryna düzedişler görnüşinde çäreleri görmak zerurlygyny öwrenýär;

(g) şu Beýanyň 6-njy maddasyna laýyklykda degişli sebitleýin maksatnamalary, hereketleriň meýilnamalaryny we çäreleri kabul edýär we zerur bolsa, olara gaýtadan seredýär;

(h) şu Beýanyň 19-njy maddasyna laýyklykda Taraplaryň nutuklary bermek amalyny işläp düzýär we şu Beýanyň 17-nji maddasyna laýyklykda maglumatlaryň alşylmagyna ýardam edýär;

(i) şu Beýanyň 9-njy maddasyna laýyklykda haýsy hem bolsa bir zolagyň HDGZ-niň Sanawyna goşulmagy hakynda kararlary kabul edýär;

(j) şu Beýanyň ýerine ýetirilmegine degişli maliýe we býujet meseleleri boýunça kararlara garaýar we olary kabul edýär;

(k) şu Beýanyň ýerine ýetirilmegi üçin zerur bolup biljek kömekçi düzümleri ýa-da guramaçylyk mehanizmlerini döredýär;

(l) şu Beýanyň maksatlaryny gazanmak üçin zerur bolup biljek islendik goşmaça çärelere garaýar we olary amala aşyrýar; we

(m) zerur bolan ýagdaýynda, şu Beýanyň maksatlaryny gazanmak üçin tehniki we maliýe hyzmatlary üçin degişli halkara guramalaryna we ylmy institutlara ýüzlenýär.

2. Şu Beýanyň maksatlary üçin we Konwensiýanyň 23-nji maddasynyň 4-njy bendine laýyklykda Kätiplik beýlekiler bilen bir hatarda şu aşakdakylary amala aşyrýar:

(a) Beýanyň netijeli ýerine ýetirilmegi üçin islendik Şertleşýän Tarapyň talaby boýunça hukuk, ylmy-tehniki goldawy we maslahatlary berýär;

(b) Şertleşýän Taraplaryň Ygtyýarly edaralary bilen şu Beýany ulanmak meseleleri boýunça aragatnaşyk saklaýar;

(c) hukuk we ylmy-tehniki ulgamlardaky hyzmatdaşlyga goldaw berýär;

(d) degişli halkara guramalary, hususan-da, biologik köpdürlülik meselerini düzgünleşdirýän ylalaşyklaryň kätiplikleri bilen aragatnaşygy we bilelikde hereketleri ýola goýýar we saklaýar;

(e) Şertleşýän Taraplara şu Beýany ulanmak ulgamynda degişli halkara, hökümetara we hökümete dahylly bolmadyk guramalar bilen hyzmatdaşlyk etmekde goldaw berýär;

f) HDGZ we ýitip gitmek howpy astynda durýan görnüşler üçin ýeke-täk monitoring ulgamlaryny işläp düzýär;

g) Hazar deňziniň biologik köpdürlüligini netijeli gorap saklamak maksady bilen Şertleşýän Taraplar bilen ylalaşmak boýunça HDGZ-niň ulgamyny döretmegi teklip edýär;

h) HDGZ we ýitip gitmek howpy astynda duryan görnüşler boýunça maglumatlar goruny döredýär we täzeläp duryar;

i) şu Beýany ýerine ýetirmek üçin gerek bolup biljek tehniki barlaglaryň nutuklaryny we netijelerini taýýarlaýar we Şertleşýän Taraplaryň Konferensiýasynyň garamagyna berýär;

j) işgärleri taýýarlamagyň zerur bolan maksatnamalaryny işläp düzýär we amala aşyrýar;

k) şu Beýanyň çäklerinde Şertleşýän Taraplaryň Konferensiýasy tarapyndan kabul edilen hereketleriň meýilnamasyna laýyklykda özüne tabşyrylan wezipeleri ýerine ýetirýär;

l) Şertleşýän Taraplaryň Konferensiýasy tarapyndan kesgitlenip bilinjek beýleki wezipeleri ýerine ýetirýär.

21-nji madda. Beýanyň maliýeleşdirilmegi

1. Şu Beýanyň maksatlaryny gazanmak üçin Şertleşýän Taraplar mümkin bolan ýagdaýynda:

a) degişli içerki, ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn maksatnamalaryň, taslamalaryň we çäreleri işlenip düzülmeginiň we ýerine ýetirilmeginiň maliýe üpjünçiligine garaýarlar we amala aşyrýarlar;

b) maliýeleşdirmäniň ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn çeşmeleriniň we mehanizmleriniň maliýe serişdeleriniň, şol sanda grantlaryň we karzlaryň çekilmegine ýardam edýärler;

c) serişdeleri, şol sanda beýleki ýurtlaryň gaznalarynyň, hökümet edaralarynyň, halkara guramalarynyň, hökümete dahylsyz guramalaryň we hususy sektoryň düzümleriniň serişdelerini çekmek we paýlamak üçin innowasion usullary we höweslendirmeleri öwrenýärler.

2. Eger-de Şertleşýän Taraplaryň Konferensiýasy başga karar kabul etmese, Konwensiýanyň maliýe düzgünleri şu beýana mutatis mutandis ulanylýar.

## VI BÖLÜM. JEMLEÝJI MADDALAR

22-nji madda. Dawalaryň düzgünleşdirilişi

Şu Beýanyň düzgünleriniň ulanylyşy ýa-da teswirlenişi babatda Şertleşýän Taraplaryň arasynda ýüze çykýan islendik dawalar Konwensiýanyň 30-njy maddasyna laýyklykda düzgünleşdirilýär.

23-nji madda. Beýanyň kabul edilmegi we güýje girmegi

1. Şu Beýan Şertleşýän Taraplaryň Konferensiýasynyň mejlisinde Şertleşýän Taraplaryň biragyzdan kabul eden karary bilen kabul edilýär.

2. Şu Beýan diňe hazarýaka döwletleri tarapyndan gol çekilmegi üçin Tähran şäherinde 2014-nji ýylyň 30-njy maýy 2015-nji ýylyň 30-nji maýy aralygyndaky açykdyr.

3. Şu Beýan Şertleşýän Taraplar tarapyndan ratifikasiýa, kabul edilmegine ýa-da tassyklanmagyna degişli. Beýan onuň gol çekilmegi üçin ýapylan senesinden başlap islendik hazarýaka döwletiniň goşulmagy üçin açyk bolar.

4. Ratifisirlemk, kabul etmek, tassyklamak ýa-da oňa goşulmak hakyndaky resminamalar Konwensiýanyň Depozitarisine saklamaga tabşyrylýar.

5. 5. Şu Beýan ähli Şertleşýän Taraplar tarapyndan onuň ratifikasiýasy, kabul edilmegi, tassyklanmagy ýa-da oňa goşulyşylmagy hakyndaky resminamalar Konwensiýanyň Depozitarisine saklamaga tabşyrylandan soň togsanynjy günde güýje girýär.

24-nji madda. Şu Beýana düzedişleri we goşundylary hem-de onuň goşundylaryna düzedişleri kabul etmek

Şertleşýän Taraplar şu Beýana düzedişleri we goşundylary, şeýle hem onuň goşundylaryna düzedişleri kabul etmek hakyndaky teklipleri berip bilýärler. Şeýle düzedişler we goşundylar Konwensiýanyň 24-nji we 25-nji maddalaryna laýyklykda Şertleşýän Taraplar tarapyndan kabul edilýär we olar üçin güýje girýär.

25-nji madda. Beýleki halkara şertnamalary bilen aragatnaşyk

Şu Beýandaky hiç bir zat Şertleşýän Taraplaryň gatnaşýan beýleki halkara şertnamalary boýunça hukuklaryna we borçnamalaryna zyýan ýetirmeýär.

26-njy madda. Beýanyň milli kanunçylyga ýetirýän täsiri

Şu Beýanyň düzgünleri Şertleşýän Taraplaryň şu Beýany ýerine ýetirmek boýunça degişli has berk milli çäreleri kabul etmek hukugyna täsir etmeýär.

27-nji madda. Bellikler

Şu Beýan boýunça hiç hili belliklere ýol berilmeýär.

28-nji madda. Beýanyň Depozitarisi

Şu Beýanyň Depozitarisi Konwensiýanň Depozitarisi bolup durýar.

29-njy madda. Asyl nusgadaky tekstler

Şu Beýanyň azerbaýjan, gazak, rus, türkmen, pars we iňlis dillerindäki tekstleri deň asyl nusgalar bolup durýar. Şu Beýanyň teswirlenişinde ýa-da ulanylyşynda dawalar ýüze çykan ýagdaýynda iňlis dilindäki tekst ulanylýar.

30-njy madda. Hazar deňziniň hukuk derejesi boýunça gepleşiklere bolan gatnaşyk

Şu Beýanyň hiç bir düzgünleri Hazar deňziniň hukuk derejesi boýunça gepleşikleriň netijelerini kesgitleýän düzgünler hökmünde teswirlenmeýär.

ÝOKARDA AÝDYLANLARY TASSYKLAMAK BILEN, muňa degişli ýagdaýda ygtyýarlandyrylanlar şu Beýana gol çekdiler.

Aşgabat şäherinde iki müň on dördünji ýylyň maý aýynyň otuzynjy gününde baglaşyldy.

## I GOŞUNDY

### Goralýan görnüşleri kesgitlemegiň kategoriýalary

„Ýitip giden" - Extinct (EX)

Haçan-da taksonyň soňky osobynyň ölendigine hiç hili şübhe ýok bolsa, Takson „Ýitip giden“ bolup durýar. Haçan-da taksonyň belli bolan we/ýa-da çaklanylýan ýaşaýyş ýerleri (gije-gündiziň, möwsümiň, ýylyň) laýyk wagtda jikme-jik barlanylanda onuň taryhy arealynyň çäklerinde onuň ýekeje-de osoby tapylmadyk bolsa, takson „Ýitip giden“ diýlip ykrar edilýär. Wagt aýratynlyklary boýunça barlaglar taksonyň ýaşaýyş sikline we biologik formasyna laýyk gelmeli.

„Ýabany tebigatda ýitip giden" – Extinct in the Wild (EW)

Haçan-da takson diňe medeniýetde, erkin däl şertlerde ýa-da ozalky arealyndan daşarda naturallaşdyrylan populýasiýa (ýa-da populýasiýalar) görnüşinde saklanyp galandygy belli bolsa, takson „ýabany tebigatda ýitip giden“ bolup durýar. Haçan-da taksonyň belli bolan we/ýa-da çaklanylýan ýaşaýyş ýerleri (gije-gündiziň, möwsümiň, ýylyň) laýyk wagtda jikme-jik barlanylanda onuň taryhy arealynyň çäklerinde onuň ýekeje-de osoby tapylmadyk bolsa, takson „Ýabany tebigatda ýitip giden“ diýlip ykrar edilýär. Wagt aýratynlyklary boýunça barlaglar taksonyň ýaşaýyş sikline we biologik formasyna laýyk gelmeli.

"Gaty howply ýagdaýda durýan" – Critically Endangered (CR)

Haçan-da, takson „Gaty hopwly ýagdaýda durýan“ kategoriýanyň haýsydyr bir kriterileriniň (A-E) biri boýunça kesgitleýändigi aýdyňlygy bilen görkezilende we şonuň üçin oňa ýabany tebigatda ýitip gitmegiň örän uly howpy astynda durýan takson hökmünde garalanda takson „Gaty hopwly ýagdaýda durýan“ bolýar.

"Howply ýagdaýda durýan" - Endangered (EN)

Haçan-da, takson „Hopwly ýagdaýda durýan“ kategoriýanyň haýsydyr bir kriterileriniň (A-E) biri boýunça kesgitleýändigi aýdyňlygy bilen görkezilende we şonuň üçin oňa ýabany tebigatda ýitip gitmegiň howpy astynda durýan takson hökmünde garalanda takson „Hopwly ýagdaýda durýan“ bolýar.

"Gowşak ýagdaýda durýan" - Vulnerable (VU)

Haçan-da, takson „Gowşak ýagdaýda durýan“ kategoriýanyň haýsydyr bir kriterileriniň (A-E) biri boýunça kesgitleýändigi aýdyňlygy bilen görkezilende we şonuň üçin oňa ýabany tebigatda ýitip gitmegiň ýokary howpy astynda durýan takson hökmünde garalanda takson „Gowşak ýagdaýda durýan“ bolýar.

"Howply ýagdaýa ýakyn ýagdaýda durýan" – Near Threatened (NT)

Haçan-da taksona kriteriýler boýunça baha berlen bolsa we ol häzirki wagtda "Gaty howply ýagdaýda durýan", "Howply ýagdaýda durýan" ýa-da „Gowşak ýagdaýda durýan“ hökmünde kwalifisirlenmän, ýöne muňa ýakyn bolsa ýa-da

ýakyn geljekde howplulygyň haýsydyr bir kategoriýalaryna degişli edilmek ähtimallygy bar bolsa, takson "Howply ýagdaýa ýakyn ýagdaýda durýan" bolýar.

"Az aladanlanma döredýän" – Least Concern (LC)

Haçan-da taksona kriteriýler boýunça baha berlen bolsa we ol "Gaty howply ýagdaýda durýan", "Howply ýagdaýda durýan", „Gowşak ýagdaýda durýan“ ýa-da "Howply ýagdaýa ýakyn ýagdaýda durýan" hökmünde kwalifisirlenmedik bolsa, takson „Az aladalanma döredýän“ bolup durýar. Bu kategoriýa giňden ýaýran we sany köp bolan taksonlar hem degişli.

„Maglumatlaryň ýetmezçilik etmegi" – Data Deficient (DD)

Eger-de taksonyň mukdarynyň we/ýa-da arealynyň ýagdaýy hakyndaky bar bolan maglumatlar ýitip gitmek howpyna göni ýa-da gytaklaýyn baha bermek üçin ýeterlik bolmasa, ol „Maglumatlaryň ýetmezçilik etmegi“ kategoriýasyna degişli edilýär. Bu kategoriýa degişli edilen takson gowy öwrenilen we onuň biologiýasy gowy mälim bolup biler, ýöne onuň mukdaryna we/ýa-da ýaýraýşyna baha bermek üçin talaba laýyk gelýän materiallar ýetmezçilik edýär. „Maglumatlaryň ýetmezçilik etmegi“ kategoriýasy ýitip gitmek howpy kategoriýasy bolup durmaýar. Taksonyň bu kategoriýa goşulmagy has köp maglumatyň gerekdigini görkezýär we geljekki barlaglaryň onuň ýitip gitmek howplarynyň kategoriýalarynyň birine degişli edilip bilinjekdigi ykrar edilýär. Şu ýerde ähli bar bolan maglumatlary doly derejede ulanmak örän möhüm. Köpsanly ýagdaýlarda „Maglumatlaryň ýetmezçilik etmegi“ kategoriýasy we ýitip gitmek howpy kategoriýalary saýlanyp alnanda örän dykgatly bolmak zerur. Mmysal üçin, eger taksonyň arealy örän çäkli bolsa we taksona soňky gezek gözegçilik edilen wagtdan bäri köp wagt geçen bolsa, oňa howply ýagdaýda durýan statusyň berilmegi ýerlikli bolup biler.

"Baha berilmedik" – Not Evaluated (NE)

Haçan-da taksona heniz kriteriler boýunça baha berilmedik bolsa, ol „Baha berilmedik“ hasap edilýär.

# II GOŞUNDY

## HDGZ-niň Sanawyna girizmegiň umumy kriterileri

A. Zolagy saýlap almagyň kriterileri:

1. HDGZ-niň Sanawyna girizilmegi üçin islendik zolak Beýanyň 9-njy maddasynyň 1-nji bendinde görkezilen bentçeleriň, azyndan, birine laýyk gelmeli. Käbir ýagdaýlarda şol bir zolak birnäçe bentçelere laýyk gelip biler we şeýle ýagdaýlar zolagyň Sanawa girizilmegi üçin subutnamalary güýçlendirýär.

2. Sanawa girizilen zolaklaryň umumy mukdaryna ýa-da islendik Tarapyň Sanawa girizmäge teklip edip biljek zolaklarynyň mukdaryna haýsydyr bir çäklendirmeler girizilmeýär. Muňa garamazdan, Taraplar zolaklaryň ylmy esasda saýlanyp alynjakdygy we Sanawa olaryň hil häsiýetnamalaryna laýyklykda giriziljekdigi bilen ylalaşýarlar, munuň üçin olar Beýanda sanalyp geçilen talaplara we şu kriterilere laýyk gelmeli.

3. Şertleşýän Taraplar milli administratiw statusyň binýatlyk kriterileri bilen bir hatarda HDGZ-niň Sanawyna girizmek üçin obýektleri saýlap almagyň şu aşakdaky kriterilerine gollanyljakdygy bilen ylalaşýarlar:

a) Umumydünýä ähmiýetliligi:

Obýekt degişli biogeografik sebit üçin häsiýetli bolan tebigy ýa-da doly diýen ýaly tebigy ekoulgamyň aýratyn üns berilmäge mynasyp bolan nusgasy bolup durýar; onda seýrek, gowşak ýa-da ýitip gitmek howpy astynda durýan ösümlikleriň ýa-da haýwanlaryň görnüşleriniň we podwidleriniň uly mukdary ýa-da bir ýa-da birnäçe şeýle görnüşleriň osoblarynyň uly mukdary ýaşaýar; ol öz florasynyň we faunasynyň hili we tapawutly aýratynlyklary esasynda sebitiň genetiki we ekologik köpdürlüligini saklamak üçin aýratyn gymmatly bolup durýar; ol öz biologik sikliniň möhüm tapgyrynda durýan ösümlikleriň ýa-da haýwanlaryň ýaşaýyş ýeri hökmünde aýratyn gymmatly bolup durýar; onda yzygiderli esasda suwda ýüzýän guşlaryň 20 müň osoby ýaşaýar; onda yzygiderli esasda suwda ýüzýän guşlaryň bir görnüşiniň ýa-da podwidiniň populýasiýasynyň 1% ýaşaýar;

b) Sebitleýin gymmatlygy:

Obýekt sebitleýin derejede gymmatly bolup durýar we Hazar deňziniň sebiti we onuň biologik köpdürlüligi üçin örän häsiýetli bolup durýar;

c) Milli statusy:

Obýektiň milli goralýan zolagyň administratiw statusy, tebigaty goraýyş çäreleri we maliýe serişdeleri bilen üpjün edilen dolandyryş meýilnamasy bar;

d) Özboluşlylygy:

Onuň territoriýasynda özboluşly ýa-da seýrek ekoulgamlar we/ýa-da seýrek, ýitip gitmek howpy astynda durýan ýa-da endemiki görnüşler ýerleşýär;

e) Tebigy ähmiýetliligi:

Obýekt ekologik ulgamlar, populýasiýalaryň tipleri ýa-da ýaşaýyş ýerleri ýa-da beýleki tebigy häsiýetnamalary üçin örän häsiýetli bolup durýar;

f) Biologik köpdürlülik:

Obýektiň görnüşleriň, bileleşikleriň, ýaşaýyş ýerleriniň ýa-da ekoulgamlaryň örän uly köpdürlüligi bar;

g) Dolandyrylýan antropogen stress-faktorlar:

Antropogen häsiýetli stress-faktorlar pes derejede täsir edýän obýektler ileri tutulýar;

h) Dolandyrylýan tebigy stress-faktorlar:

Tebigy stress-faktorlarynyň derejesi pes bolan obýektler ileri tutulýar;

i) Başlangyç maglumatlaryň elýeterliligi we ýeterliligi:

Obýekt hakyndaky maglumatyň iň az ýetmezçiligi bar we ygtybarly başlangyç maglumatlaryň belli bir möçberi bar;

j) Medeni ähmiýeti:

Obýektiň tebigat bilen integrirlenen, ýerli ilatyň maddy-hal ýagdaýyny üpjün edýän işiň ekologik taýdan howpsuz däp bolan görnüşleriniň bardygy üçin medeni miras nukdaý nazaryndan häsiýetli gymmaty bar;

k) Ylmy, bilim beriş we estetik gymmatlygy:

Obýektiň ylmy, bilim beriş ýa-da estetik gymmatlygy bar we onuň ylmy, bilim beriş ýa-da estetik gymmatlygynyň gönüden-göni peselmek howpy ýok;

l) Raýat jemgyýetiniň gatnaşmagy:

Goralýan zolaklary meýilnamalaşdyrmak we dolandyrmak prosesine ýerli ilat, aýratyn-da ýerli bileleşikler çekilen we işjeň gatnaşýar.

B. HDGZ-niň Sanawyna girizmegiň kriterileri

Şertleşýän Taraplar HDGZ-niň Sanawyna girizmek teklip edilýän zolaklary ösdürmegi meýilnamalaşdyrmak we dolandyrmak boýunça şu aşakdaky çäreleri görmegi ylalaşýarlar:

a) zerur bolan başlangyç maglumatlary, şol sanda tebigaty goraýyş, durmuş-ykdysady we medeni häsiýetli maglumatlary we maglumatlarda ýüze çykarylan kemçilikleriň üstüni ýetirmegiň meýilnamasyny bermek;

b) tebigaty goraýyş we dolandyryş çäreleriniň Meýilnamasynyň çäklerinde takyk kesgitlenen gysga möhletli we uzak möhletli maksatlary bermek;

c) ygtyýarly edara(lar) we dürli gyzyklanma bildirýän taraplaryň gatnaşyş formasy hakynda degişli maglumatlary bermek;

d) HDGZ-niň Sanawyna girizmek meýilleşdirilýän zolagyň görnüşleriniň, bileleşikleriniň, ekoulgamlarynyň ýa-da ýaşaýyş ýerleriniň tebigaty goraýyş statusyna ýa-da medeni we estetik gymmatlygyna ýaramaz täsir edip biljek hapalanmanyň ähli çeşmelerinden hapalanmanyň öňüni almak, olara gözegçilik etmek we täsiri peseltmek üçin çäreleri amala aşyrmak, şol sanda DGETBB;

e) şu Beýanyň düzgünleriniň ýerine ýetirilişinde, ilkinji nobatda, islendik görnüşleriň introduksiýasy ýa-da reintroduksiýasy bilen bagly giň gerimeli hyzmatdaşlyk etmek;

f) HDGZ-niň Sanawyna girizilmek üçin zolagyň dolandyrylyş meýilnamasy bolmaly. Şeýle dolandyryş meýilnamasynyň esasy düzgünleri zolak Sanawa girizilen wagtynda düzülmeli we mundan soňra olaryň ulanyşy haýal edilmän başlanmaly.

Dolandyryşyň jikme-jik meýilnamasy Sanawa girizilen senesinden soň üç ýylyň dowamynda berilmeli. Şu borçnamanyň ýerine ýetirilmezligi obýektiň Sanawdan çykarylmagyna sebäp bolup biler;

g) her bir zolagy düzgünleşdirýän kadalaşdyryjy namalaryň tekstlerinde HDGZ-niň Sanawyna girizmek meýilleşdirilýän zolaklaryň administratiw dolandyryşy we tebigaty goraýyş çäreleriniň amala aşyrylyşy babatda ygtyýarlyklar we jogäpkärçilik takyk kesgitlenmeli;

h) HDGZ-niň Sanawyna girizilmegi üçin goralýan zolagyň ýeterlik ygtyýarlykly dolandyryş düzümi, şol goralýan zolagy döretmegiň maksatlaryna garşy gelýän işiň öňüni almak we/ýa-da oňa gözegçilik etmek üçin serişdeleri we işgär düzümleri bolmaly;

i) HDGZ-niň Sanawyna girizilmegi üçin zolagyň öz monitoring maksatnamasy bolmaly.

Maksatnama öz içine zolagyň şertlerine we ösüşine, şeýle hem zerur boldugyça olaryň degişli uýgunlaşdyrmasy üçin ulanylýan tebigaty goraýyş we dolandyryş çäreleriniň netijeliligine baha bermäge mümkinçilik berjek şol zolagyň düýpli aýratynlyklarynyň belli bir mukdaryny ýüze çykarylmagyny we monitoringini almaly. Zolak HDGZ-niň Sanawyna girizilen senesinden başlap onuň monitoringi hakynda yzygiderli ýagdaýda hasabatlar berilýär.

C. Goramak, meýilnamalaşdyrmak we dolandyrmak boýunça çäreleriň amala aşyrylmagy

1. Goramak we dolandyrmak boýunça maksatlar her bir obýekte degişli bolan resminamalarda takyk kesgitlenmeli we HDGZ-niň Sanawyna gaýtadan seredilende görlen çäreleriň ýeterlidigine we olaryň amala aşyrylyşynyň netijeliligine baha bermek üçin esas bolmaly.

2. Her bir zolak babatda goramak, meýilnamalaşdyrmak we dolandyrmak boýunça ulanarlykly çäreler şol obýekt üçin dolandyryş boýunça meýilnamada kesgitlenen onuň tebigaty goramak we dolandyrmak boýunça maksatlaryň uzak möhletleýin we gysga möhletleýin geljekde gazanylmagy üçin ýeterlik bolmaly we, hususan-da, oňa howp salýan faktorlary hasaba almaly.

3. Goramak, meýilnamalaşdyrmak we dolandyrmak boýunça çäreler tebigy gurşawyň düzüm bölekleri hakyndaky degişli bilimlere, şeýle hem her bir zolagy häsiýetlendirýän durmuş-ykdysady we medeni faktorlara esaslanmaly. Düýpli bilimler ýetmezçilik edende HDGZ-niň Sanawyna girizilmegi makullanan zolak ýetmezçilik edýän maglumatlaryň we habarlaryň ýygnalmagyna işjeň badalga bermeli.

4. Her bir goralýan obýektiň tapawutly aýratynlyklary babatda HDGZ boýunça tebigaty goraýyş çäreleri şu aşakdaky esasy ugurlary hasaba almaly:

a) zolagyň bitewiligine göni ýa-da gytaklaýyn zyýan ýetirip biljek galyndylaryň we beýleki materiallaryň taşlanmagyny düzgünleşdirýän kadalaryň berkleşdirilmegini;

b) zolaga floranyň we faunanyň islendik görnüşleriniň introduksiýasyny ýa-da reintroduksiýasyny düzgünleşdirýän kadalaryň berkleşdirilmegini;

c) görnüşlere zyýan ýetirip biljek ýa-da olaryň deňagramlylygyny bozup biljek, ýa-da ekoulgamlaryň ýa-da görnüşleriň tebigaty goraýyş statusyny howp

astyna goýup biljek, ýa-da zolagyň tebigy, medeni ýa-da estetik häsiýetnamalaryna zyýan ýetirip biljek islendik işiň ýa-da hereketiň düzgünleşdirilmegini;

d) şol zolagy gurşap alýan ýerleriň düzgünleşdirilmegini.

5. Şu Beýana laýyklykda obýektiň ýagdaýynyň monitoringi we bahalandyrylmasy boýunça yzygiderli hasabatlylyk berilmeli we dolandyryş meýilnamasyna degişli düzedişler girizilmeli.

6. Zolagyň şu kriterilere laýyk gelmezligi onuň HDGZ-niň Sanawyndan çykarylmagyna getirip biler.